# Parahor

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Parahor PARAHOR




Haram eliň uzatsaň, iliň halal zadyna,
Erbet, ysnat getirseň, abat iliň adyna,
Çapalansaň ýanarsyň, bir gün nebsiň adyna,
Bu ýaramaz päliňden gaýt indi sen, parahor.
Aýalyň dili gysga, çagaň ýüzi salyk bor,
Gargyş bilen näletden gara garnyň juluk bor,
Aýra düşüp öýüňden, bagryň dilik-dilik bor,
Aýrylmankaň iliňden gaýt päliňden, parahor.

Gije ýatsaň düýşüňde türme, gözenek görner,
Gorky mydam başyňda, gara hozanak görner,
Barha çolarar daşyň, ne dost, duz-emek görner,
Tutulmanka eliňden gaýt päliňden, parahor.

Parahorluk, bet gylyk türkmen üçin peslikdir,
Üstüňe nälet ýagar, diri başyň maslykdyr,
Haram pula guwanmak – bu bir tüýs näkeslikdir,
Daş düşmänkäň iliňden gaýt päliňden, parahor.

Allaguly REJEBOW,
Ruhabat etraby.

«Adalat» gazeti, 5 aprel 2002. Goşgular